# Resenziýa / satiriki hekaýa

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Resenziýa / satiriki hekaýa RESENZIÝA

Serdar Wepaýewiç ýazyp oturan resenziýasynyñ soñky nokadyny goýanda, gije sagat ikiden agypdy. Ol öz-özünden hoşal bolup ýerinden turdy, gerinjiredi. Otagyñ içinde ikibaka gezim etdi. Ol ýene-de iş stolunyñ başyna geçdi. Çalam-çaş bolup ýatan kagyzlaryny rejeleşdirdi. Içini gepletdi. Diýmek, resenziýa taýýar diýen ýaly, uly işi ýok. Mümkin o ýerine-bu ýerine kak-sok etmeli bolar. Ony heran-haçanam edip boljak, çep elimizden gelýär. Ýöne häzir gyssagly bir gerek zat, olam haýsy bolsa-da, bir awtoryñ täzeje çykan goşgular ýygyndysy, onda ýerleşdirilen goşgulardan birnäçesiniñ atlary we olardan parçalar. Aý, o zatlaññam ýarasy ýeñil-le, ýeri taýýar dur. Çykan güni gütüledip goýaýmaly. Umuman aýdanyñda, resenziýa taýýar. Indi kitabyñ çykaryna garaşybermeli. Hemişeler yzy üzülmän çykybam durandyr weli, gerekleseñ gapyşar. Ýa indi şahyrlaram goşgy ýazmasyny goýup, proza geçäýdilermikä?! Beýle zad-a bolup bilmez. Olaryñ ýazanyny çykaryp dursañ-a, edil bir ýylda bäş kitaby ýazaýjagam barmyka diýýän. Onda näme? Gyzylbaşlar… ýok. Sebäbi bolmasa, kitab-a çykmaly. Ol hökman çykar. Onda kitap çykýança, resenziýany ýene bir gezek gözden geçirmeli.
«Göwrümi taýdan şeýle uly bolmadyk bu kitapça şahyryñ ikinji (bu sanyñ üýtgemegi hem ähtimal) kitaby. Awtoryñ heniz ýaşdygyna garamazdan, onuñ poeziýa äleminde uly we ynamly ädim edendigini turuwbaşdan bellemek gerek. Ol poeziýada özünjñ hakyky ýüzüni görkezmegi başardy, öz ýodasyny tapdy. Ýodanyñ bolsa yzarlasañ, ýola birigýändigi jedelsizdir. Şahyryñ optimizme ýugrulan sagdyn ideýaly goşgulary özboluşlylygy bilen tapawutlanýar, olar örän akgynly okalýar hem-de añsat ýatda galýar.
Kitapça ynsan mertebesi baradaky ýazylan goşgy bilen açylýar. Ol tebigy zat, çünki adam dünýäniñ bezegi ýa-da eger tutuş

dünýäni bir tylla ýüzüge meňzetsek, onda adam ol ýüzügiň göwher gaşydyr. Ol döredýär, gurýar. Bu goşguda awtor käbir detallaryň üsti bilen adamyň jemgyýetdäki orny barada filosofiki pikir öwürýär. Ol goşgynyň bir ýerinde ine şeýle diýilýär:

« »

Ýokardaky çeperçilikli ýazylan şeýle goşgularyň hataryna ine, şu goşgulary hem goşmak bolar. Umuman, şahyr ynsan barada, onuň jemgyýetdäki orny hakda gürrüň edende, onda ýokary graždanluk pafosynyň bardygy duýulýar.

Mergenowyň (bu at şertli at) goşgular ýygyndysynda poeziýanyň ömürlik obýekti bolan söýgi meselesine uly orun berilýär. Eline galam alyp, heniz söýgi barada ýazmadyk şahyr ýok. Emma Mergenowyň bu temadan döreden goşgulary weli beýleki şahyrlaryňkydan tapawutlanýar. Ol lenç edilen meňzetmelerden, suwjuklykdan, mahabatly taryplamalardan gaça durýar. Dogry hem edýär.

Şahyr döwrümize ýat bolan, ýöne henizlerem ýek-tük saklanyp galan gyz satmak, galyň almak ýaly könäniň zyýanly galyndylaryna köre-körlük bilen uýýan çüýrük pikirli nadanlary satiranyň közüne daglaýar. Şeýle adamlaryň üstünden ha-ha-haýlap gülýär. Azat söýgi baradaky pikir şahyryň «…», «…», «…» we şular ýaly başga-da birnäçe goşgularynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Ýygyndydaky goşgulary okanyňda, şahyryň tebigat gözelligini suratlandyrmakdaky ussatlygyna haýran galýarsyň. Hatda güle gonjak bolup pelesaň kakýan kebelejigem onuň nazaryndan sypanok.

Mergenowyň peýzaž lirikasyny okanyňda, onuň öwüşgine baý setirler bilen «çekýän suratlaryny» synlap doýup bolanok. Oňa öz ýanyndan: «Berekella, elleriňe güller bitsin» diýeniňi hem duýman galýarsyň. Eger hudožnik bolsaň, onda awtoryń her bir bendinden bir kartina ýazmak boljak. Mysal üçin:

«. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . »

Ine, şu setirleri okanyňda, aňyrsyna-bärsine ýetmeýän türkmen sährasy, onda agyp-dönüp ýören goýun sürüleri göz öňünde

janlanýar. Göwnüñe bolmasa, onda mäleşip ýören owlak-guzularyñ sesi hem eşidilýän ýaly bolýar. Şeýle goşgular ýygyndyda başga-da kän.

Umuman, şahyryñ goşgularyny okanyñda, onuñ goşgysaýyn kämilleşýändigine anyk göz ýetirýärsiñ we oña çaga ýaly guwanýarsyñ. Dogry, kitapçada ýerleşdirilen goşgular barada öwgüli gürrüñi näçe uzaltsañ uzaldyp oturmaly, ýöne bir gazet makalasynyñ çäginde olaryñ ählisi barada aýdyp oturmak asla mümkin däl. Ýöne şeýle hem bolsa, hakykatyñ hatyrasyna biz özümiziñ şujagaz makalamyzda ýygyndynyñ heniz käbir kemçiliklerden halas däldigini hen aýtmalydyrys. Ýygyndydaky käbir goşgularyñ temasy ownuk, şeýle hem olaryñ çeperçiligi gowşak. Ýöne ol kemçilikler elujundan düzedäýmeli kemçilikler. Şonuñ üçin hem olar hakda birbada agyz dolduryp gürrüñ edip oturasy iş ýok.

Biz özümiziñ şu synymyzyñ ahyrynda awtora ak ýol arzuw edýäris. Goý, onuñ kitaplarynyñ höwri köp bolsun!»

Serdar Wepaýewiç ýazan resenziýasyny ýene bir gezek okap çykdy. Ol pikire gitdi. Be, meniñ munym ýöne öñde biriniñ «Bitmedik ýowşanyñ düýbünde dogmadyk towşan ýatyr» diýşi ýaly, bir zat bolaýmasyn? Aý, ýok-la! Bolmanda-da ekiz taýy ýaly biri-birine meñzeş resenziýalar häli-şindi çykyp dur-la. Kyrk bolmasa, kyrk bir eken-dä! Onsoñam bular ýaly zatlary edýän ýeke biz däl ahyry. Ynha, şu kompozitorlaram mydama diýen ýaly öñürti sazyny ýazyp, soñam sözlerini gözleşip ýörler. Näme bu-da bir şol pisint zatdyr-da. Dogru-da walla!

Täçmämmet JÜRDEKOW. Satiriki hekaýalar